# Rus kempiri

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Rus kempiri RUS KEMPIRI

Fris ertir irden urşa gitmeli,
Kempir bolsa oña örüpdir jorap.

Özem edil nemes enesi deýin,
Öz dilinde diýýär bir oñat bir zat.

Ýeri, eýsem, kempiriñki dogrumy,
Bu esgeri hasaplanda öz ogly.

Ol bilýärdi kempiriñ dul galanyn,
Ýene ogullary… Gutardy kowmy.

– Al sen, ynha – owazlydy oñ sesi –
Basym agyr-agyr sowuklar bolar! –
Ol aldy, aýalyñ gözne seredip,
Düşnüksiz gözýaşyn saklap bildi ol

Üç ýyl elendirdi howp-hatar ony,
Unutdy ol ýowuz aýazlary-da.
Ýöne bu kempiri salýardy ýada
Hemem öz düşnüksiz gözýaşlaryny.

Ýuriý KUZNESOW.

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular